# Ölüler näme diýýär? / hekaýa

Category: Kitapcy,Mistika we fantastika,Sözler,Ýatlamalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ölüler näme diýýär? / hekaýa ÖLÜLER NÄME DIÝÝÄR?

Ony däli-diwana bolup söýüpdim! Adam nämüçin söýýär? Dünýäde diňe birinden özgesini gözüň görmese, aňyňda diňe bir pikir aýlansa, ýüregiňde diňe bir arzuwyň bardygyny duýsaň, ýa-da diliňde diňe bir at gaýtalansa erbetmi näme? Göýä ol at çeşme suwunyň ýeriň ýüzüne böwsülip çykyşy ýaly ruhuň çuňluklaryndan leblere çenli syzylýan, hemişe aýdylýan, gaýtalanyp-gaýtalanyp aýdylýan doga ýaly hemme ýerde pyşyrdap aýdylýandyr.
Hekaýatymyzy gürrüň berip durjak däl. Söýginiň bary-ýogy ýekeje hekaýaty bar, ol hemişe şobir zat. Ine, bar bolany. Tutuş bir ýyllap onuň goýnunda onuň mähir-şepagaty we söýgüsi bilen eşiklerinde, sözlerinde, bakyşlarynda oňa bagly her bir zada bendiwan bolup ýaşadym. Barça barlyk şeýle bir gözeldi, şeýle bir ajaýypdy welin, ne gijäni bilýärdim, ne gündizi, ne ölüdigimi bilýärdim, ne diridigimi, özümiň nirede gaýyp ýörendigimem bilemokdym.
Ine, birdenem öldi. Nädip? Bilemok, hiç hili bilemok.
Ýagyşly gije öýe öl-myžžyk bolup geldi. Ertesi gün üsgürdi. Bir hepdä golaý üsgürip gezdi, soň düşekde ýatdy.
Oňa näme bolandygyny bilemokdym.
Gelen lukmanlar ýazyp-pozup, maslahat berip gidýärdi. Getirilen dermanlary hyzmatkär aýal oňa başynda durup içirýärdi. Elleri ýylydy, çygjaryp duran maňlaýy ot bolup ýanýardy, otlukly bakyşlary gussadan doludy. Onuň bilen gep alyşjak bolýardym, olam maňa jogap berjek bolardy. Biri-birimize nämeleri aýtdykka? Bilemok. Hemme zady, hawa, hemme zady, hemme zady ýatdan çykardym. Ölüp gitdi… Onuň iň soňky, iň soňky mejalsyz içini çekişi diýseň gowy ýadyma düşýär.
Hyzmatkär aýal ah çekdi. Şol wagt bilip galdym! Şondan soň hiç zat bilemokdym. Hiç zat… Birden “Oýnaşyňyzmy?” diýýän popa gözüm düşdi. Göwnüme bolmasa pop oňa dil ýetirýän ýalydy. Ikibaşdan ol öldi, indi bular ýaly sözi hiç kimiň aýtmaga haky

ýokdy. Popy kowdum. Başga bir pop geldi. Ol örän mylakatly gürleşýärdi. Maňa ondan söz açanda aglamaga başladym.
Depin etme meselesinde birnäçe soraglary berdiler. Hiç zat ýadyma düşenok.
Şeýle-de bolsa, ony tabyda ýerleşdirensoň tabydyň çüýleri kakylanda eşdilýän çekiç sesi diýseň gowy ýadyma düşýär. Eý, Hudaý!
Jaýlandy. Ol indi bu çukurdady! Gonamçylyga birnäçe tanyş-bilişdir dost-ýarymam gelipdi. Gaçdym ol ýerden. Ylgadym.
Uzak wagtlap köçede gezdim. Soň öýe dolandym. Ertesi gün gezelenje çykdym.
Düýn Parižе dolandym.
Otagymyzy, düşegimizi, egin-eşiklerimizi, ölüminden soň ondan galan hemme zadyň ýerleşen bu öýi täzeden görüp, süňňümi tükeniksiz gam-gussa gaplap aldy welin, tasdan özümi penjireden zyňýardym. Onuň teni degen we gyzgyn demi siňen ähli zatlaryň, müňlerçe zerräni özünde saklaýan goş-golamlaryň, diwarlaryñ arasynda galyp biljek däldim. Daşary çykmak üçin elime başgabymy aldym.
Gapa çykmanka onuň goýduran uly ýüz görülýän aýnasynyň öňünden geçdim. Ol daşary çykmanka bu aýnada özüni boýdan-başa synlardy, eşikleriniň özüne gelişip-gelişmändigine esewan ederdi, ýüz-gözüni, saçyny timarlardy.
Onuň keşbini saklap galan aýnanyň öňünde eglendim. Aýnada onuň keşbi şeýle bir aýdyň görünýärdi welin, hamala aýna onuň gözel keşbini gorap saklaýan ýalydy.
Gözlerimi bir nokada dikip, tekiz we borram-boş aýnanyň öňünde kän durdym. Edil meniň seredişim ýaly teşne, edil meniň oňa durkum bilen berilişim ýaly aýna-da onuň ähli durkuny öz içinde saklaýan bolarly. Men aýnany halap başlanymy duýdum. Oňa elimi degirdim. Buz ýaly sowuk eken! Ah! Ýatlamalar, ýatlamalar! Ähli gam-gussalaryň çekilmegine sebäp bolan şol gorkunç, şol diri, şol öli, şol hasratly, şol ýakyp-ýandyryjy aýna! Haýsam bolsa bir aýnada keşpleriň sumat bolup gidişi ýaly saklan, gören, öňünden geçenleri söýgüsine sygdyran baryny-ýoguny ýatdan çykaran adamlar nähili bagtly! Hasrat ýüregimi gyýýp gelýärdi. Köçä çykdym. Her näçe islemesemem

biygtyýar gonamçylyga gitdim.
Onuň mazaryny tapdym. Ýüzüne birnäçe söz ýazylan mermer haçly mazar. Haçda “Söýdi, söýüldi we öldi” diýen ýazgy bar.
Ol şu ýerdedi, özem eýýäm çüýremäge başlapdyr! Nähili gorkunç! Maňlaýymy guma sürtäp möňňürmäge başladym.
Ol ýerde ep-esli eglendim. Soňra iňrik garalandygyny duýdum. Şol wagtam serimi täsin we dälişge hyýal – umytsyz galan ýigidiň hyýaly gaplap aldy. Gijäni onuň mazarynyň başynda aglap geçiresim geldi. Emma meni görseler, gonamçylykdan daşary çykaraýmaklary daşda däldi. Näme etmeli?
Dikeldim. Ölüleriň mekanynda ýeke özüm gezim etmäge başladym. Ýöredim, ýöredim. Bäri diri adamlaryň ýaşaýan ýerleriniň ýanynda nähili kiçijekdi! Muňa garamazdan ölüleriň sany diri gezip ýörenleriňkiden ep-esli kän. Bize – baglaryň şerabyny, çeşmeleriň suwuny içýänlere, oasizleriň çöregini iýýänlere has köp binalar, köçeler, has köp ýerler gerek.
Eýsem ölülere, bize çenli gelip ýeten ähli ölülere bir gysym gumdan başga hiç zat gerek däl. Ýer olary öz goýnuna dolap alýar, ýatdan çykarmak endigi wagtyň geçmegi bilen olary hakydamyzdan öçürýär. Wessalam, hoş galyň!..
Gonamçylykda aýlanyp ýörşüme taşlanyp gidilenleriň, ýagny birmahal ölenleriň, tümmegi birçak ýer bilen deňleşip gidenleriň, hatda başagajy çüýräp ugranlaryň mazarlarynyň deňesinden geçip, ertir täze ýogalanlary jaýlamak üçin gazylyp goýlan gabyrlaryň deňesine ýetenimi duýman galdym. Bu ýeri gül-gunça, uzyn we gara serwi agaçlaryna bürenen, gussaly, adam etine ýugrulan bag-bakjalyk ýerdi.
Ýekeje özümdim. Agaçlaryň birine dyrmaşdym. Garaňky we galyň pürli şahalaryň arasynda özümi doly gizledim.
Agdarylan gäminiň bölegine ýapyşan ýolagçy ýaly agajyň şahasyny gujaklap garaşdym.
Mazaly iňrik garalyp, töweregi tümlük gaplap alansoň, gizlenen ýerimden çykdym we ölüler bilen doly ýeriň üstünde ümsüm ýöräp ugradym.
Eýläk-beýläk ýöremedik ýerim galmady. Onuň mazaryny tapamokdym. Sermenekläp, gözümi petredip, el-aýagymy, dyzymy, kükregimi, hatda başymy guburlara ura-ura ters aýlandym, emma

ony tapmadym. Ýoluny gözleýän kör ýaly daşlary, haçlary, guburlaryň daşyna aýlanan demir germawlary, solup giden gülleriň bogdaklaryny elim bilen tüýtmeleýärdim. Barmagymy harplaryň üstüne basyp atlary okaýardym. Nähili tümlük, nähili gije! Men mazary tapyp bilemokdym!

Aýyň ýagtysy hem ýokdy. Daş-töwerek tüm-garaňkydy. Gorkýardym. Iki mazar syrgynynyň arasyndaky ýodalarda aýlanyp ýörşüme kalbyma eýmenç gorky aralaşdy. Guburlar, guburlar, guburlar. Daş-töweregim guburlardan doludy. Sagymda-solumda, öňümde-ardymda, bar ýerde gubur bar. Dyzym ysman başlady, ýöremäge halym galmady. Guburlaryň biriniň üstünde oturdym.

Ýüregimiň urgusyny eşidýärdim! Başga zatlary-da duýýardym. Nämekä bular? Atlandyryp bolmaýan düşnüksiz güwwüldi! Nireden gelýärkä? Agdar-düňder bolan serimdenmi, tüm garaňky gijedenmi, ýa bolmasa adam jesetleri bilen doly syrly topragyň astyndanmy? Töweregime seredýärdim!

Ol ýerde näçe wagtlap oturanymy bilemok. Gorkudan ýaňa gymyldaman durşuma özümden geçdim. Ses edip gygyrmaga we ölmäge taýýar boldum.

Birdenem üstünde oturan mermerimiň daş gapagy hereket edýän ýaly bolup gözüme göründi. Hawa, göýä biri ony galdyrýan ýaly daş gapak ýerinden süýşüpdi. Bir bökende özümi gapdaldaky guburyň üstüne atdym. Ýap-ýaňy üstünde oturan daşymyň gönelenini gördüm. Birdenkä öli göründi. Ýalaňaç ystyhan küýkeren arkasy bilen daş gapagy zyňyp goýberdi. Gije gözedürtme garaňky-da bolsa, gözüm ony diýseň gowäy görýärdi. Haçyň ýüzünde “Elli bir ýaşynda ýogalan Jak Oliwant şu ýerde ýatyr. Maşgalasyny, dost-ýarlaryny örän gowy görerdi. Dogruçyldy, namysjaňdy. Hakyň rehmetine gowuşdy.”

Ýaňky öli mazar daşlarynyň ýüzündäki ýazgylary okaýardy. Soňra ol ýolda ýatan kiçijik gyýçak daşy aldy we ýazgylary gazamaga durdy. Ýazgylary kem-kemden doly öçürdi. Şol gazan ýerine owasy boş gözleri bilen seretdi we birmahallar süýembarmagy bolan süňküň ujy bilen ýalpylawuk harplary ýazdy:

“Elli bir ýaşynda ölen Jak Oliwant şu taýda ýatyr. Kakasynyň mirasyna eýe bolmak üçin erbet sözleri aýdyp, onuň ölümini çaltlaşdyrdy. Aýalyna görkezmedik görgüsi ýok. Çaga-çugasyny-

da hor-zar saklady. Goňşy-golamlaryny aldaýardy. Ýagdaýyny tapsa ogurlyk etdi. Iň soňunda göz-gülban bolup öldi.”
Öli ýazyp bolansoň, duran ýerinden gymyldaman yazan sözlerine syn etdi. Yzyma öwrülip seredenimde, ähli guburlaryň açylandygyny, ähli jesetleriň gabyrlaryndan çykandygyny, olaryň hemmesiniň hakykaty ýazmak üçin hossarlary tarapyndan mazar daşlaryna ýazylan ýalanlary öçürýändiklerini gördüm.
Olaryň hemmesiň – gowy kakalardygy, wepaly aýallardygy, işeňňir ogullardygy, el degmedik gyzlardygy, halal telekeçilerdigi, mahlasy, hiç hili kemi-kösti bolmadyk erkeklerdigi we aýal-gyzlardygy aýdylan adamlaryň, aslynda hossarlaryna gün bermedik, betpäl, binamys, ikiýüzli, ýalançy, hilegär, töhmetçi, husyt, ogry, aldawçy, hiç bir ýamanlykdan we hapa işleri etmekden gaýtmaýan adamlardygyny gördüm.
Olaryň hemmesi jem bolup bire wagtyň özünde ebedilik gonalgalarynyň agzyna dirikäler hiç kimiň bilmän galan we bilinmän galar öýdülen eýmenç, ajy we mukaddes hakykatyny ýazýardylar.
Söýgülimiňem öz mazar daşyna bir zatlary ýazýandygyny aňyma aýladym.
Indi gorkman-ürkmän ýarsy açyk tabytlaryň, jesetleriň, ystyhanlaryň arasyndan onuň mazaryna tarap ylgamaga başladym. Ony dessine tapjakdygyma ynandym.
Onuň kepen oranan ýüzüni görmesemem, uzak aralykdan tanadym.
Mermer haçyň ýüzünde başda “Söýdi, söýüldi we öldi” diýen ýazgy bardy.
Soňky okanlarym bolsa şeýledi: “Bir gün ol söýgülisine ikilik etmek üçin daşary çykdy. Ýagyşa ezildi. Sowuklady. Öldi.”
Gün doganda meni çalajan halda bir guburyň ýanyndan tapdylar.

Gi de MOPASSAN.

Terjime eden: Has TÜRKMEN. Mistika we fantastika